# Pisse hekaýaty

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Pisse hekaýaty PISSE HEKAÝATY

Günüň nury lowurdatdy meňzini,
Pisseler ýetişdi açyp agzyny.

Olary ýygdylar, sekä serdiler.
Pisseler bir Pissä sowal berdiler:

“Aýt sen, nämä açmaýarsyň agzyňy?
Senem güjeňle-dä doýgun maňzyňy!”

Pisse jogap beren gysyp egnini:
“Üýtgedip bilmerin Allaň emrini…”

Diýipdirler: “Näme diýýäň sen walla?
Agzyň açma diýen däldir-ä Alla!..”

Pisse diýenmişin: “Geçip dur aý-gün,
Ýaşap bilmerin-ä gizlemän aýbym.

Kä dodak ýylgyrsyn, kä gysylsyn diş,
Bähbide bolsa bes, başa inen iş.

Hakdan diläp ýörün gaýrat, güýç, dogum,
Agzym açsam bilerler-dä puçdugym…” Goşgular